# Ýylgyryñ!..

Category: Degişmeler,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Ýylgyryñ!.. ÝYLGYRYÑ!

Mugallym okuwçydan soraýar:
– Goýundan biz näme alýarys?
Okuwçy:
– Ýüñ alýarys!
– A ýüñden näme edýäris?
– Bilemok!
– Aýdaly, seniñ penjegiñ nämeden edilen?
– Kakamyñ köne penjeginden..

* * *

Talyplara leksiýa berip duran professor talyplaryñ birine ýüzlenýär:
– Gapdalyñda uklap ýatan ýigidi oýar!
Talyp oña şeýle jogap berýär:
– Ony siz özüñiz uklamaga mejbur etdiñiz ahyry!

* * *

Dişi agyrýan diş doktoryna ýüzlenýär:
– Bir diş sogranyñyz üçin 10 müñ manat soraýarsyñyz, doktor. Men on müñ manat üçin uzyn günläp işleýärin…
Diş doktory:
– Men hem, isleseñiz, bir dişiñizi uzak günüñ dowamynda sogrup bilerin.

* * *

– Eje, süýtli jamyña syçan gaçypdyr.
– Çykaryp, zyñyp taşladyñ dälmi?
– Ýok-la, men onuñ içine pişigi goýberäýdim.

* * *

Iki boýdaş ýoluň gyrasynda durup, özleriniň maşgala ýagdaýlary barada gürrüň edýärler:
– Men ärim bilen sögüşjek bolanymda, çagalary daşaryk oýnamaga iberýän.
– Dogrudyr, jora jan, seniň bu eýjejik çagalaryň ýüzlerine seretseňem, olaryň tiz-tizden daşaryň arassa howasynda bolýandygy bildirip dur.

* * *

– Başlyk, meni bölüm müdiri ogşady.
– Ýoldaş Näzliýewa, men her näçe gynanýan bolsamam, biziň edaramyzyň ululygy sebäpli ähli zada bir özümiň ýetişip bilmeýänligime siziň düşünmegiňizi haýyş edýärin.

* * *

– Dost jan, işden soň oýna gidelimi?
– Sag bol gardaş, Hudaýa şükür, her gün öýde mugt oýun görkezip durlar.

* * *

– Gyzym, ýöne özüňe timar berip otyrsyň. Öýüňem arassalygyna seredäýmeli ahyry!
– Wiý, ejemi, ýigitler öýi däl-de, gyzy synlaýarlar ahyry!

* * *

– Tüweleme, soňky wagtlar etiňe-ganyňa gelip ugrapsyň?
– Indi bir aý bäri aýalymyň bokurdagy agyrýar-da!

* * *

Bir işigaýdany it dalapdyr. Göwnüne güman gidibem, özüni barlatmak üçin doktoryň huzuryna barypdyr.
– Ýagdaýyň öwerlik däl – diýip, wraç gönüsinden gelipdir. – Sizi guduzlan it dişläpdir.
Işigaýdanyň tüýsi üýtgäpdir. Birdenem ol tapyr-tupur ýerinden turup, stoluň başyna geçipdir-de, bir tagta kagyz alyp, ýazyp

ugrapdyr.
– Halys dowla düşüp oturman, men sizi aýaga galar ýaly ederin. Şonuň üçinem wesýetnama ýazyp, azara galyp oturmaň – diýip, wraç ony köşeşdiripdir.
– Ýok-la, men wesýetnama ýazamok-da, siz meni bejermäge girişmezden öňürti özümiň «dişlemeli» adamlarymyň spisogyny düzýän – diýip, ol göwnühoş dillenipdir.

* * *

Ussa ep-esli wagtlap maşynyň aşagynda agyp-dönüp, ahyry daşyna çykypdyr-da, onuň eýesine şeýle diýipdir:
– Näme diýseňizläň, eger maşyňyz eşek bolan bolsady, onda size satmagy maslahat bererdim. Degişmeler